# Ganhor garpyz

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ganhor garpyz GANHOR GARPYZ



Bir obada, adamlar garpyzy ganhor hasaplaýar ekenler. Olaryň pikirine görä, garpyzyň gyrmyzylygy ynsanlaryň ganyny sorýandygy üçinmiş. Bir gün, oba bir adam gelipdir. Görse, bag-bakjalar, mellekler düňderilişip ýatan garpyzlardan doly, emma hiç kim olara elini hem degrenokmyş. Sebäbini eşidip, geň galypdyr. Ol garpyzyň gan sorýan ganhor däldigini olara düşündirmegi ýüregine düwüpdir. Obalylary bir garpyz atyzyna ýygnapdyr. Gorkubraga-da, garpyz pellerine golaýlaşypdyr. Ilki garpyzlardan birini elläpdir. Obalylaryň gorkudan gözleri hanasyndan çykara gelipdir. Sähel üýtgeşiklik bolsa, gaçmaga häzir bolup duranmyşlar. Soňra, usullyk bilen bir garpyzy ýolup, gujagyna alypdyr. Hiç zat bolmandyr. Obalylaryň bilesigelijiligi has-da artypdyr. Oba täze gelen adam, bularyň ählisini göýä gorkýan ýaly edýärmişin. Soňra-da jübüsinden bir çakgy çykarypdyr. Ujuny usullyk bilen garpyza sanjypdyr. Obalylar gözlerine ynanmajak bolupdyrlar. Emaý bilen garpyzy dilimlän adam, soňra obalylara garpyzyň ganhor däldigini

gürrüň beripdir. Öýlerine dolanan obalylar özleriniň ýerliksiz gorkularyna gülüp hezil edipdirler. Ol adam garpyzy eline alyp derrew dogramaga başlan bolsady, ynsanlar ony ganhoryň merkini beren has gorkunç ganhordyr öýderdiler we garpyzyň ganhor däldigine düşünmek beýlede dursun, belki-de gorkudan zähreleri ýarylardy. Ynsanlaryň ýerlikli ýa-da ýerliksiz gorkulary bolup biler. Onuň nämedigini önünden görkezmezden, oňat tanatmazdan berjek her dürli düşündirişiniz netijesiz bolar. Her döwürde, ynsanlaryň in azyndan garpyzy ganhordyr öýtmek ýaly uly ýalňyşlary we gülkünç hallary bolup biler. Ynsan we jemgyýet aňyýetini göz öňünde tutmazdan, diňe öz pikirlerini kabul etdirjek, öz gepiňi gögertjek bolmak ýalňyşlaryň in ulusydyr.
Zaman RAHMATULLAÝEW. Halk döredijiligi we rowaýatlar